# Aýaz babaly goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aýaz babaly goşgy AÝAZBABALY GOŞGY




*“Aýazbaba gelsene,*
*Ýolkamyzy görsene!”.*
***Çagalaryň aýtgysy***.
Aýaz baba, nirde sen?!
Ýyl geçip barýar, gelseň!
Sowgadam sowgat welin,
Hezillikler getirseň!

Giň haltaňa gap-garyp,
Gülki getir, dolduryp!
Gitseň git soň, şatlygyň
Hemişelik galdyryp.

Daş gitme, ýene her ýyl,
Hoş habarlyja gelgil!
Gyşam gyşa meňzesin,
Akja garam getirgil!

Ýogsam, saňa garaşyp,
Gyssanýas, gün sanaşyp.
Görseň, ýyla ýyl münüp,

Ömürem barýar aşyp.

Aýaz baba, gel, gelseň,
Her öýde saçak, görseň!
Näz-nygmat doly welin,
Doga-dileg etdäni,
Gaýgy-gamdan gutar, sen!

Dekabr 2022 y. Goşgular